# Gel, gör, meni yşk neýledi…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gel, gör, meni yşk neýledi… GEL, GÖR, MENI YŞK NEÝLEDI



Men ýörerem ýana-ýana, yşk boýady meni gana,
Ne akylam, ne diwana, gel, gör meni, yşk neýledi?
Gäh öserem ýeller kibi, gäh tozaram ýollar kibi,
Gäh akaram siller kibi, gel, gör meni, yşk neýledi?

Akar suwlar dek şaglaram, dertli jigerim daglaram,
Şyhym aňyban aglaram, gel, gör meni, yşk neýledi?

Ýa elim al, galdyr meni, ýa waslyňa irdir meni,
Çoh aglatdyň, güldür meni, gel gör meni, yşk neýledi?

Men ýörerem ilden-ile, şyh soraram dilden-dile,
Gurbetde halym kim bile, gel, gör meni, yşk neýledi?

Mejnun oluban ýörerem, ol ýary düýşde görerem,
Oýanyp melul olaram, gel, gör meni, yşk neýledi?

Misgin Ýunus, biçäreýem, başdan-aýaga ýaraýam,

Dost ilinde awaraýam, gel, gör meni, yşk neýledi.

Ýunus EMRE. Goşgular